# Edebiýat boýunça Nobel baýragyny kim alar? ☻

Category: Edebiýat täzelikleri,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Edebiýat boýunça Nobel baýragyny kim alar? ☻ EDEBIÝAT BOÝUNÇA NOBEL BAÝRAGYNY KIM ALAR? ☻




2022-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda, 2022-nji ýyl üçin Edebiýat boýunça Nobel baýragyna kimiň mynasyp boljakdygy yglan ediler. Häzirki wagtda bu abraýly halkara sylagyna dünýä belli ýazyjylaryň haýsynyň mynasyp görüljekdigi barada media çygrynda gyzgalaňly çekişmelerem gidýär. Edil çapyşykda haýsy atyň öň geljekdigine pul baýraklarynyň goýluşy ýaly bukmekerler, ýagny oýun gurnaýjylar tarapyndan pul goýumlaram kabul edilýär.
“Nicerodds” saýtynyň seljerme maglumatlaryna görä, humar gurnaýjylaryň (bukmekerleriň) pul goýumlaryny kabul edýän koeffisiýentiniň möçberine baglylykda, häzirki güne çenli bu halkara baýragyny almagy esasy mümkin hasaplanýan, fransuz ýazyjysy Mişel Uelbek bolup durýar. M.Uelbekiň baýraga mynasyp boljakdygyna goýlan pul goýumlarynyň koeffisiýenti 8-e 1 derejede saklanýar. Şu ýerde, koeffisiýent näçe pes derejede bolsa, şol goýum goýlan ýazyjyň 2022-nji ýylyň Edebiýat boýunça Nobel baýragyna mynasyp bolmak mümkinçiliginiň has ýokary derejede diýlip çaklanýandygyny aýtmak gerek.
Humarçylaň sanawynda M.Uelbekden soňky orunda, asly eýranly hindi bolan, britan ýazyjysy Salman Ruşdi gelýär. Onuň

reýtinginiň, ýagny görkezijileriniň ýokary göterilmegine bolsa, ýakynda oňa edilen hüjüm hem öz täsirini ýetirýär.
Bukmekerleň görkezijiler sanawyndaky üçünji orunda, birmeňzeş 11-e 1 koeffisiýent bilen, 84 ýaşly, keniýaly ýazyjy hanym Ngugi Wa Thiongo hem-de “elhençlikleň mäligi” hökmünde dünýä belli ýazyjy, 21-nji sentýabrynda 75 ýaş toýuny bellän Stiwen King durýar.
Ondan başga-da, humarçylaň sanawynda meşhur ýazyjylardan Haruki Murakami, rus ýazyjy hanymy Lýudmil Uliskaýa, “Hyzmatçy zenanyň hekaýasy” atly şowhun turzan antiutopiýa eseriniň awtory, kanadaly ýazyjy hanym Margaret Etwud dagylaram bardyr. Olaryň üçüsininiňem goýum koeffisiýenti 17-ä 1 bolup durýar.
*Çeşmesi:*
*https://godliteratury.ru/articles/2022/09/23/kto-poluchit-nobelevskuiu-premiiu-po-literature-v-2022-godu. 05.10.2022ý.*
Edebiýat täzelikleri